# Eziz Nesiniñ ses edip ýatyrmaga goýmaýan goñşusyna ýazan haty

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025

Eziz Nesiniñ ses edip ýatyrmaga goýmaýan goñşusyna ýazan haty

EZIZ NESINIÑ DOWAMLY SES EDIP ÝATYRMAGA GOÝMAÝAN GOÑŞUSYNA ÝAZAN HENEK GATYŞYKLY HATY



Gadyrdan Kazym beý, jan doganjygym!
Iş taşlaýyş diýen zadyñ nämedigini bilmän ýekşenbe günleri-de işleýän, jaýyñ ikinji gatyndaky zawodyñyz üçin sizi tüýs ýüregimden gutlaýaryn. Uly tutumly işiñ üstünde işleýänsiñiz

öýdüp çaklaýanlygymdan şu sagada çenli dözüp zawodyňyzyň işine päsgel beresim-de gelmedi. Ýöne ýagdaý şeýle dowam etjek bolsa, hemişe zawodyňyzyň aşagynda işläp pul gazanyp bilmejekdigim üçin biziň maşgalamyzy-da eklemeli bolarsyňyz. Köp wagtdan bäri zawodyňyz işläp duranlygyndan ullakan gämini sökensiňiz diýip çak edýärin. Her näme-de bolsa, söken bölekleriňizi birikdirip, gämini gurnap bolanyňyzdan soň bizi haýrana goýsaňyz gerek. Häzir agşam düşüp barýar. Eýsem-de bolsa, zawodyňyzyň işine iki sagat arakesme berip, meniňem işlemegime azajyk rugsat edip bilersiňizmi?
Şujagaz ýagşylygy meniň ýaly ýazyja köp görmejegiňizi umyt edip, sizi çuňňur hormatlamak bilen awtograf ýazyp gol çeken kitabymy iberýärin.
Iň gowy goňşuçylyk duýgularym bilen… □ □
Terjime eden Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar